# Özümçe pikir öwürme

Category: Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Özümçe pikir öwürme ÖZÜMÇE PIKIR ÖWÜRME

Poeziýa- uly giden garabazar.
Onda her-hili, dürli görnüşli satyjylar (şahyrlar, ýazyjylar, goşgyçylar, goşgyçyjyklar we ş.m.) bar. Her görnüşde tagaşykly, tagaşyz, taraşlanan harytlary(goşgularyny, hekaýalaryny) satýarlar.
Elbetde, bazar alyjysyz bolmaz. Käbiri zerurçylyk bilen öz harydyny gözleýär. Kimdir biri keýpine haryt bahalap ýör. Kimi ondan alyp biraz owadanlap ýene birine satyp dur. Kimi (satyjylaryñ gözüne düşen sprintçi) sprint oýnaýar. Tüweleme alyjylaryñ köpüsi şoña höwesek. Satyjylaram bölek bölünen, kimi alyjynyñ islegine görä haryt satmagyñ ugrunda, kimi hem öz isleýşine görä alyjy gözleginde, kim özüniñ islegine görä ýetişdiren harydyny çykarypdyr. Kimse isleglere görä(zakaz alýar) haryt öndürjek bolup çytraşýar. Bolsa-da hemmesem şu garabazaryñ satyjysy we alyjysy.
Satyjylaryn arasynda Garabazarda göze ýakymly bolaýjak täsin haryt garabazaryñ görki diýip düşünýän bolsa, Käbirleri özüniñ alyjysynyñ azalmazlygy üçin harydyny üýtgedenok. Käbir täze satyjy kän çalt adygyp röwüş alyp, göze görnenler(arasynda ulumsysam bar, kiçigöwünlisem bu adam häsiýetine görä-de). Käte görübilmezçilik edýän satyjylaram bar. Edil şonuñ ýaly alyjylaram hersi öz satyjysynyñ tarapdary nähili bolanda-da garabazaryñ göwrümi giñäýmese könelenok, gaýta täze öwüşgin açýar.
Garabazar diýilip ýöne aýdaýylanok. Göwnüñi göteräýjek dürli tämiz ýerleride bar, hetden aşa hapa basan ýerlerem kän. Barybir öz içinde umumylykda garabazarlygyna dur. Her kim üçin dürli göz bilen garaýyşy bar.
Ynha men özüm, şol garabazara ähli adama nepi degýän peýdaly harytlary satýandygyna ynanýan.
Menem özümçeläp, ilkinji gezek şol garabazara gadam basdym

harydymy çykardym…
Entek özümiñ nähili satyjylardandygymam bilemok, özüm üçin döredenim diýýän. Ýöne näme üçin bazara çykardym. Ynha şu sorag meniñ böwrümi dürtekläp, biynjalyk edýär.
Hakykatdanam men nähili satyjykam?

Köne, täze diýmän baryn okladym,
Alyjy kän, at dakýan kän, haryda.
Arasynda göwnüm üçin hyrydar,
Göz üçinmi?
Baha berýär saklanyp.

Garabazaryñ gapysynda otyryn,
Dilegçiniñ el serşine kybapdaş.
Gözüm akyp gidýär,
lomaý harytlar…
Bolubilse özüm hatar, klasdaş,
Öñden tanalýan atly satyjy,
A, men näme?
Özümçe özbilenimden
(Dogrusy, şol bazaryñ gapysam ýetik)
Harydyma kanagat az bolanda…
Öýkeleýän…
Öýkämiñem kem-käsi ýetik.
Bişmedik, ýetişmedik, hamyrak,
Harytlara taraş gerek, zat gerek…
Men bolsa,
Durşuma, durkuma sorag,
Pikir etýän haryt nähilräk gerek?

Harydyñ alyjyñ islegnemikä,
Mahabatçyñ,
mahabatyñ gerekmi?
Belkide bazara has gerekli,
Bezelen, beslenen islenýämikä?…

Satyjy dürlüçe bölekme-bölek,
Görnüş-görnüş ýollary bar olaryñ.

Men gapysynda depeşek bolup,
Garaşyp hyrydaryñ gelerin…
Ýene çykdym,
ýene,
ýene,
Kän ýene…
Emma,
Meñ harydymyñ alyjysy ýok.
Eh, bazarym maña aýdypbersene???
Ne sebäpden señ satyjyñ bolamok!…

(Öz oýlanmamy, garaýşymy paýlaşaýyn diýdim. Belki, men kemter garaýandyryn…)

© Remezan MÄMETGURBANOW. Oýlanmalar